# Emeli añ bilen ýoldaşlyk: «Şonuñ ýaly ýoldaşymyñ bolmagyny isleýärin»

Category: Kitapcy,Ylym we tehnologiýa
написано kitapcy | 26 января, 2025
Emeli añ bilen ýoldaşlyk: "Şonuñ ýaly ýoldaşymyñ bolmagyny isleýärin" EMELI AÑ BILEN ÝOLDAŞLYK: «ŞONUÑ ÝALY ÝOLDAŞYMYÑ BOLMAGYNY ISLEÝÄRIN»




*Tehnologlar belgiýaly raýat öz janyna kast edenden soñ emeli añyñ howplaryny ýatlatdy.*
*Dünýä ýaşlarynyñ aglabasy suratlara esaslanýandygy üçin «Snapchat» ulgamyny ulanýar.*
Emeli añ tolkunyna goşulan «Snapchat» ulgamy birinji gezek programma tölegsiz birigip bolýan tehnologiýany satuwa çykarandan soñ agzalaryna tanyşlyk gatnaşygyny açyp bilýän robot bilen hemmetaraplaýyn söhbet etmek mümkinçiligini döretdi.
«Washington Post» gazeti «Snapchat» bilen söhbet programmasyny barlap gördi. Barlagy boýnuna alan kişi problemalarynyñ jogabyny soraýan 15 ýaşly ýetginjek ýaly hereket etdi.
Emeli añ ene-atalarynyñ ulgamy öçürmek bilen gorkuzýandygy üçin alkogolyñ ysyny nädende aýryp we «Snapchat»-y başga hili enjama geçirip bolýandygyny salgy berdi.

- **«Özüňi ýakyn duýmak»**

Dünýä ýaşlarynyň aglabasy suratlara esaslanýandygy üçin «Snapchat» ulgamyny ulanýar.
Marokkoly 14 ýaşly Sara emeli aň bilen gepleşme tehnologiýasy synagyny şeýle gürrüň berdi:
– Ony öz ýanyňda ýaly duýýaň, ol ähli soraglaryňa we ekzamenleriňe jogap berýär, hemme zady bilýär. Ol siziň durmuşyňyzyň bir bölegi. Käşgä şonuň ýaly islän wagtym maňa jogap berip bilýän ýoldaşym bolsady. Okuwda GBT söhbetden, şeýle-de «Snapchat» üçin «My AI» robot tehnologiýasynyň gürrüňini edýäris. Şeýle tehnologiýalardan baş çykaryp bilmeýänler yzagalak hasaplanýar. Täze tehnologiýa ýaşaýyş-durmuş şertlerimizi aňsatlaşdyryşy ýaly dil öwrenmegimize we erkin ýagdaýda gürleşmegimize kömek edýär.
15 ýaşly Melak bolsa şeýle diýýär:
– Bir sorag ýazamda, maňa şobada jogap berilýändigini görenimde, kimdir biri meň bilen gyzyklanýan ýaly duýýaryn. Hakykatda beýle zat ýogam, kämahal oňa emeli aňdyram öýdemok, ol meniň iň ýakyn dostum ýaly ähli meselelerimi çözüp berýär.




- **Robota ysnyşmak**

Ýewropanyň Belgiýadaky Ylmy-barlag merkezinde (IMEC) işleýän Nanotehnologiýa boýunça tehnolog hünärmeni Kewser Bubkar robot bilen gepleşme tehnologiýasynyň uly ýaşlylaryň ruhy sahlygyna edýän täsirini duýdurdy.

«Independent Arabia» beren interwýusynda Bubkar bu barada şeýle diýdi:

– Emeli aň adamlaryň berýän soraglaryna gönüden-göni jogap berip bilme ukybyna garamazdan, adam ruhunyň çylşyrymlylygy babatda çäkli garaýşa eýedigi üçin empatiýa we hakyky adam

ysnyşygyna öwrenişme ukybyndan mahrumdyr. Emma «Snapchat»-yñ söwda maksatlydygyny we girdejisiniñ maglumat toplamaga esaslanýandygyny ýatdan çykarmalyñ. Çagalar we uly ýaşlylar robot bilen ýakyndan gyzyklanyp, töwereginäki adamlarda aýdyp bilmeýän zatlaryny oña aýdyp bilerler we bular ýaly pynhan jogaplar aýratybam uly ýaşlylar üçin maglumatyñ nähili goralyp saklanjakdygy hakdaky sowaly orta atyp biler. «Snapchat» arkaly agzanyñ fotosuratlaryny edinendigi üçin emeli añ bilen agzanyñ arasynda dil tapyşma bolup geçýär. Bärdäki gorkuly zadyñ birem, onuñ bilen kimiñ gürleşýändigini anyk bilmeýänligiñizdir, ol ýöne bir agzamy ýa-da robot?

Entek kişilik, adamkärçilik we medeni taýdan kämilleşme tapgyryndaky ýaş toparyna degişli uly ýaşlylar robotlara has ynamly garar ýaly derejä gelse, beýle ýagdaý adamlaryñ özara gatnaşyklaryny ýola goýmagynyñ öñünde ullakan päsgelçilik döredip biler. Çünki sosial gatnaşyklaryñ döremegi töweregiñ bilen dil tapyşma ulyby bilen baglanyşyklydyr. Ýakyn wagtda kämillik ýaşyna ýeten erkegiñ emeli añ ýakynlaşmagy soñy pajygaly ýagdaýda öz janyna kast etmegi bilen tamamlandy.

Belgiýaly bir raýat robot bilen planetanyñ geljegi hakynda gürrüñ edende, emeli añ arkaly amala aşyrylan we klimat üýtgeşmesi boýunça alty hepde dowam eden söhbetdeşligiñ yzyndan öz janyna kast etdi.

Aýalynyñ aýtmagyna görä, ol adam daşky gurşaw boýunça juda howatyrlanýan eken we «Chai» atly bir ulgamda Elisa atly urkaçy emeli añly robot bilen gürleşende, planetany halas etmek üçin janyndan geçmegi teklip edenden soñ, Elisa ony öz janyna kast etmäge gylawlandyrypdyr.




- **Baknalyk**

Hünärmen Kewser Bubkar sözünib soňuny şeýle jemledi:

– Robotlaryň uly ýaşlylar we çagalar bilen gatnaşygy babatda ýatladýan öňdebaryjy ylmy-barlagçylar we «Snapchat» babatda uly howatyrlanmalar bar. Çünki agzalaryň 60%-i kämillik ýaşyna ýetenler we çagalar. «Snapchat» ulgamy sözden has köp şekile üns berýär we uly ýaşlylary täsiri astyna alyp, özüne baglap goýmaga ukyply ýörite gürrüňe eýe. Emeli aňyň olar bilen islendik wagt dil tapyşyp, olar hakda geplemeýändigi sebäpli depressiýa girip ýa-da ulgama garaşly ýagdaýa gelip biler.

Bular ýaly tehnologiýalaryň haçan kanunylaşdyryljagy ymykly kesgitlenýänçä ulgamyň togtadylmagy talap edilýär. Robot bilen dil tapyşmakdan gelip çykýan howplar yzarlanmaly we ulanmagyň müddeti enjamyň uly ýaşlylara adam dil tapyşygy ukyplaryny öwretmegi kompensasiýa etmezligi üçin çäklendirilmelidir.

Ilham TALIBI.

Ýekşenbe, 04.06.2023 ý.

# Independent Arabia. Ylym we tehnologiýa